# Watan öz ogullaryny garşylaýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Watan öz ogullaryny garşylaýar WATAN ÖZ OGULLARYNY GARŞYLAÝAR

Gulluk edip görmedim men Owganda,
Boldy onda ýoldaşlarmyñ ençesi.
Günortada, alys ýurtda, o ýanda,
Eşdilip dur şindi-şindem jeñ sesi.

Joş urýar bir mukam kalbymda meniñ,
Azatlyk, erkinlik dilde dessanym.
Meñzemän Grenada ykbalyñ seniñ,
Söý, owgan, öz azat Owganystanyñ.

Ganojak zalymlar tanaman deñin,
Gögertmek küýünde bet pygyllary.
Boldular gurbany bu karam jeñiñ
Ýurdumyñ gül ýüzli mert ogullary.

Itden beter ýigrenýän men jeñbazy,
Men doganlañ erkinligniñ aşygy.
Dosta kast edeniñ bagryna közi,
Bazladyp ýaşaryn ýaşan ýaşymy.

- **Owgan mukamy**

Ýañlandyryp dogduk ülkäñ dört künjün,
Ýüzlenýärin bu gün ildeşlerime:
Gorañyzda owganlaryñ dür-genjin,
Goşuñ, dostlar, menem ildeş deñine.

Dertli ýurduñ egsilen deý dertleri,
Nazar salsañ giñ ýollaryñ boýlarna.
Internasionallyk borjuñ mertleri
Dolanyp gelýärler bu gün öýlerne.

Ýatdan çykmaz belent ýerler, pes ýerler,
Ýatdan çykmaz ölüm howpy – şol gapan.
Pyşyrdaýar kynlyk gören esgerler,
– Geldik biz gaşyña, garşy al, Watan!

Duşuşyk pursaty, boýun almak gerek,
Begençden, gynançdan kalbyñ elenýär.
Gelenlere hezzet edýäs duz-çörek
Hemem ýada düşýär wepat bolanlar.

Gürrüñ edýäs günortada, ol ýanda
Eşdilýär diýip, şindi-şindem jeñ sesi.
…Gulluk edip görmedim men Owganda
Boldy onda ýoldaşlarmyñ ençesi.

Hajy KAKALYÝEW.

Rusçadan terjime eden: Gara ÝOLLY. Goşgular